# «Biri ýanýan diýse añlamandyryn…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Biri ýanýan diýse añlamandyryn…" «BIRI ÝANÝAN DIÝSE AÑLAMANDYRYN…»

Biri ýanýan diýse añlamandyryn
Ýanmak – ody däl ekeni ojaryñ.
Ýanmak – keç ykbala sözüñ geçmänsoñ,
Içde ýanan islegimiş ajalyñ.

Howaýy geçirlen ömürmiş ýanmak.
Göwnüñ kimin gòvne duş bolup bilmän.
Basalanan duýgularyñ zarymyş,
Ýarym galan toprak daş bolup bilmän.

Zarymyş ol ýaşalmadyk ýaşlygyñ
Ahmyrymyş bir nadana duş bolan.
Bir gezek berilýän ömrüñ sedasy
Hyýal bolan, görülmedik düýş bolan

Ýanmak däl ekeni ody ojaryñ
Ojaryñ odundan güýçlimiş ýanmak…

Zöhre ÖWEZOWA.

Stambul, 2022 ý. Goşgular